# Men ýitirdim, men taparam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Men ýitirdim, men taparam MEN ÝITIRDIM, MEN TAPARAM




Men ýitirdim, men taparam, ýar menimdir, kime ne?!
Gäh giderem öz bagyma, gül tirerem, kime ne?!
Gäh giderem medresäge, ders okuram Hak üçin,
Gäh giderem meýhaneýe, dem çekerem, kime ne?!

Sofular haram diýmişler bu yşkyň şerabyna,
Men doldurur, men içerem, günah menim, kime ne?!

Men melamat hyrkasyny kendim geýdim egnime,
Ar-u-namus şişesini taşa çaldym, kime ne?!

Sofular sežde ederler mesjidiň mährabyna,
Ýar eşigi seždegähim, ýüz sürerem, kime ne?!

Gäh çykaram gök ýüzüne, hükm edem kaftan kafa,
Gäh inerem ýer ýüzüne, ýar sewerem, kime ne?!

Nesimiýe sordular ki, ýaryň ile hoşmusuň,
Hoş olaýyn, olmaýyn, o ýar menim, kime ne?!

*Çeşmesi: https://biz.islenen.ru/23772-men-yitirdim-men-taparam.html. 19.04.2023ý.* Goşgular